

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**

**— KONSTITUSIÝAMYZ HEM-DE DÖWLET BAÝDAGYMYZ BIZIŇ GEÇMIŞIMIZIŇ, HÄZIRKI DÖWRÜMIZIŇ, GELJEGIMIZIŇ BEÝIKDIGINI, ŞÖHRATLYDYGYNY ALAMATLANDYRÝAN MILLI MUKADDESLIKLERIMIZDIR.**

# TÜRKMEN UNIWERSITETI

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň aýlyk gazeti | 1958-nji ýylda esaslandyryldy | Möçberi: 8 sahypa | 2025 | Maý | #5/40




## TÜRKMENISTANDA KANUNÇYLYGY DÖWREBAP KÄMILLEŞDIRMEGIŇ KARARNAMASY

**Türkmenistanyň** başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi mynasybetli, 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip atlandyrmak barada Mejlisiň taýýarlan kararyny goldamak bilen, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň geçen 2024-nji ýylyň ahyrynda geçirilen giňişleýin Hökümet mejlisinde 2025-nji ýylyň şygaryny «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmegi halkymyzyň durmuşynda möhüm syýasy waka boldy.

Milli tejribeden we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alyp, Türkmenistanyň Mejlisiniň iş toparlarynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň, «Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamalaryny taýýarlamak, Türkmenistanyň Jenaýat, Arbitraž iş ýörediş, Jenaýat iş ýörediş, Raýat iş ýörediş kodekslerine, «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna, kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek, raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynda amala aşyrylýan özgertmeleri hukuk taýdan düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly hereket edýän kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek babatda alyp barýan işleri aýdyň görkezýär.

Mejlisde adyl kazyýetligiň döwrebap kanunçylyk esasyny döretmäge, adamyň we raýatyň konstitusion hukuklaryny hem-de azatlyklaryny mundan beýläk-de netijeli durmuşa geçirmäge, administratiw edaralar tarapyndan kabul edilýän namalaryň hukuk esaslaryny, saýlaw ulgamynyň işini kämilleşdirmäge, awtomobil ulagy çygrynda hereket edýän degişli edaralaryň işlerini düzgünleşdirmäge, migrasiýa syýasatynyň has-da netijeli guralmagyny üpjün etmäge gönükdirilen we beýleki ugurlarda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanun taslamalaryny taýýarlamak işleriniň amala aşyrylýandygy hem bellemäge mynasypdyr.

Ýakynda, has takygy, 2025-nji ýylyň 8-nji maýynda hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýolbaşçylygynda geçirilen sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň mejlisinde getirilen maglumatlar muňa anyk şaýatlyk edýär. Şol Hökümet maslahatynda bolsa üstümizdäki ýylyň dört aýynda ýurdumyzda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi.

Şonda bellenilişi ýaly, şu döwürde ýurdumyzyň kanun çykaryjy edarasy bolan Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan Türkmenistanyň Kanunlarynyň 8-isi, hususan-da, ýurdumyzyň kazyýet edaralarynyň işini kämilleşdirmek we ýük markalary hakynda halkara Konwensiýa degişli Teswirnama goşulmak bilen bagly Kanunlar kabul edildi. Şeýle-de Jenaýat, Arbitraž, Raýat we Jenaýat iş ýörediş, maşgala, zähmet gatnaşyklary, salgytlar, ýubileý medaly, administratiw önümçilik, awtomobil ulagy, migrasiýa bilen baglanyşykly hereket edýän Kanunlara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek arkaly döwrebap kämilleşdirildi.

Ýylyň başyndan bäri Mejlisiň kararlarynyň 9-ysynyň kabul edilendigini hem bellemek gerek. Häzirki wagtda döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryna laýyklykda, döwrüň talaplaryndan we oňyn halkara tejribeden ugur alyp, ýurdumyzda raýat-hukuk gatnaşyklaryny döwrebaplaşdyrmak, saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawyny döretmek bilen bagly we beýleki kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça degişli işleriň geçirilýändigi hem wajyp ähmiýete eýedir.

Dünýä derejesini kämilleşdirmekde parlamentara gatnaşyklary giňeltmäge gönükdirilen işleriň ähmiýetiniň uludygyny hem aýtmak gerek. Bu babatda şu ýylyň başyndan bäri ýurdumyzyň Mejlisi tarapyndan daşary ýurtlaryň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçileriniň 5-isinden ynanç hatlarynyň kabul edilmeginiň, Mejlisde ýurdumyzdaky daşary ýurt wekilhanalarynyň hem-de halkara guramalaryň wekilleri bilen duşuşyklaryň 19-ysynyň geçirilendiginiň, Mejlisiň deputatlarynyň we hünärmenleriniň kanun çykaryjylyk işini kämilleşdirmek meseleleri boýunça ýurdumyzyň degişli döwlet edaralarynyň BMG-niň düzüm birlikleri, beýleki abraýly halkara guramalar bilen bilelikde guralan okuw maslahatlarynyň 36-syna gatnaşandyklarynyň, Milli parlamentimiziň wekilleriniň daşary ýurtlara iş saparlarynyň 11-isiniň amala aşyrylandygynyň möhüm ähmiýetli çäreler bolandygy şübhesizdir.

Bu edilýän işler, şonda gazanylýan üstünlikler bolsa hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda täze kanun taslamalaryny taýýarlamak boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň, olaryň kämil, döwrebap bolmagyny gazanmagyň möhümdigine yzygiderli üns çekip durýandygynyň netijesidir diýsek hakykatdan daş düşmeris. Kanun çykaryjylyk boýunça amala aşyrylýan bu işler bolsa «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda» bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilmeginiň 30 ýyllygy mynasybetli geçirilmegi göz öňünde tutulan işleriň ýokary guramaçylyk derejesini üpjün etmäge esas bolup hyzmat eder.

Bu baýram bolsa bu ýyl halkara derejesinde giňden bellenilip geçilýär. Onuň dabarasynyň dag aşmagyny üpjün etmekde bolsa ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň ähli ulgamlarynda gazanylýan üstünlikleriň kanun binýadynyň dünýä derejesinde kämilleşdirilmeginiň ähmiýeti iňňän uludyr. Şu babatda bu günler ýurdumyzda giňden bellenilýän Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet Baýdagynyň güni mynasybetli guralýan çäreler kanunçylygyň kämilleşdirmek işine täzeden itergi berer diýsek hakykatdan daş düşmeris.

***Baýramyňyz gutly-mübärek bolsun!***

## *Bagt kanuny hakda*

**Konstitusiýa güni, Baýdagym belent,**
**Ýaşa! Bagt paýlaýan Kanunym meniň.**
**Pyragyň paýhasy nesillere pent,**
**Şondan ylham alýar ynsanym meniň.**

**Bagt kanunym hakda keläm sözüm bar,**
**Şonuň binýadynda döwlet berkarar,**
**Köki çuň ornaşan bir beýik çynar,**
**Öňünde arassa ynsabym meniň.**

**Kanunyň her bendi ýolum-ýörelgäm,**
**Ata-baba gelýän edep-göreldäm,**
**Bu ýolda edermen illerim aman,**
**Şo hakda saýraýar zybanym meniň.**

**Çaga dünýä inýär, ene bagtyýar,**
**Çaga gülküsinden ýaň salýar Diýar,**
**Bagtyýar çagalaň ýurdy berkarar,**
**"Döwlet adam üçin!" şygarym meniň.**

**Çuňňur bilim alýar bagtyýar ýaşlar,**
**Amala aşýandyr tutumly işler,**
**Eşreti döredýär birleşen güýçler,**
**Şol birlige baky ygrarym meniň.**

**Halkym zähmet çekip, şu bagta ýeten,**
**Şondan kemal boldy berkarar Watan,**
**Eşretli ýaşaýşa maksatlar tutan,**
**Bolçulyk döretmek — hünärim meniň.**

**Bolelin ýaşaýan halkym bagtyýar,**
**Oňa kanun taýdan berlen ygtyýar,**
**Halkyň bagty üçin ýazylan karar,**
**Erkin ýaşamaga ykrarym meniň.**

**Men bu gün dünýäde iň bagtly adam,**
**Eşretli zamanyň balyndan dadan,**
**Ýüzde-müň razy men beýik Alladan,**
**Goý, ömürlik bolsun ykrarym meniň.**

**Atajan BURYNOW,**
**jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň müdiri, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty, professor.**

# Täzelikler

### «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly»hem-de Ýeňiş güni mynasybetli ylmy-amaly maslahat geçirildi




2-nji aprelde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Türkmenistanyň Bilim ministrligi bilen bilelikde guramagynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» we 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni mynasybetli «Beýik Ýeňşiň gahrymanlary — watansöýüjiligiň we ynsanperwerligiň nusgalyk mekdebi» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Ylmy-amaly maslahat umumy mejlisde we «Beýik Watançylyk urşunyň gahrymanlary – merdanalygyň we edermenligiň nusgasy», «Türkmen halkynyň milli we medeni gymmatlyklaryny goramakda kanunçylyk namalarynyň kämilleşdirilmeginiň ähmiýeti», «Filologiýa ylmy: türkmen dilini we edebiýatyny täze nazaryýet esasynda öwrenmegiň meseleleri», «Dünýä dillerini we edebiýatyny öwrenmekde öňdebaryjy usullaryň orny», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe iňlis dilini we edebiýatyny täzeçil usullar arkaly öwretmegiň ylmy esaslary», «Himiýa senagatynyň häzirki zaman ösüşinde innowasiýa tehnologiýalaryny peýdalanmagyň ähmiýeti», «Türkmenistanyň biodürlüligini gorap saklamagyň we köpeltmegiň ileri tutulýan meseleleri», «Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmegiň esasy ugry: daşky gurşawy goramagyň milli we dünýä tejribesi», «Maglumat tehnologiýalary ulgamynyň kämilleşdirilmegi — takyk ylymlaryň ösdürilmeginiň möhüm şerti», «Ýurdumyzyň durnukly durmuş-ykdysady ösüşinde sanly bilim ulgamynyň kämilleşdirilmeginiň orny», «Fizikanyň we nanotehnologiýanyň gazananlarynyň önümçilige ornaşdyrylmagynyň amaly ähmiýeti» atly bölümçelerde dowam etdi.

Maslahatda Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň, ylmy edaralardan we beýleki edara-kärhanalaryndan gatnaşan professor-mugallymlaryň, alymlaryň, ylmy işgärleriň, hünärmenleriň, aspirantlaryň, alymlyk derejelerine dalaşgärleriň we talyplaryň ylmy, ylmy-amaly we ylmy-usuly häsiýetdäki çykyşlarynyň 480-e golaýy meýilleşdirilip diňlenildi.

Çykyş edenler türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda dünýäde parahatçylygy giňden ýaýbaňlandyrmakda alnyp barylýan işler barada buýsanç bilen bellediler. Şöhratly pederlerimiziň beýik ynsanperwer däplerine esaslanýan bu syýasat häzirki wagtda anyk işlerde öz beýanyny tapýar. Şeýle hem çykyşlarda Beýik Ýeňiş gününi ýakynlaşdyran milli gahrymanlarymyzyň arasynda Berdimuhamet Annaýewiň hem bolandygy, onuň gahrymançylykly söweş ýolunyň nesiller üçin nusgalyk mekdep bolup durýandygy barada buýsanç bilen bellenildi.

Şol gün Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Aşgabat şäheriniň Berkararlyk etrap häkimliginiň medeniýet bölümi bilen bilelikde guramagynda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» hem-de 1941 — 1945-nji ýyllarda Beýik Watançylyk urşunda gazanylan ýeňiş mynasybetli «Rowaç alyp beýik peder ýolundan, Bakylyk ýollaryň ýagty seň, Watan» atly baýramçylyk dabarasy geçirildi.




Dabara uruş we zähmet weteranlary, hormatly dynç alyşdaky ýaşulular, ene-mamalar, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň professor-mugallymlarydyr talyplary gatnaşdylar. Bu ýerde edilen çykyşlarda Beýik Watançylyk urşunda türkmenistanly ýigitleriň münlerçesiniň söweş meýdanlarynda görkezen gaýduwsyzlygy, deňsiz-taýsyz mertlikleri barada buýsanç bilen bellenildi. Çykyş edenler türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýewiň görkezen edermenligi bilen baglanyşykly täsirli gürrüň berdiler.

Talyplar tarapyndan ýerine ýetirilen «Mertler Watany beýgeldýär» atly sahnalaşdyrylan çykyş dabara özboluşly öwüşgin berdi.

Baýramçylyk dabarasynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy we Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, merdana uruş we zähmet weteranlarymyzy, tylda zähmet çeken ildeşlerimizi beýik Ýeňiş baýramynyň 80 ýyllygy bilen gutladylar.

### «Açyk gapylar» güni: uniwersitet bilen tanyşlyk



3-nji maýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde «Açyk gapylar» güni geçirildi. Oňa paýtagtymyzyň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylary we ýaşlar işjeň gatnaşdylar. Olar Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde alnyp barylýan okuw-terbiýeçilik we ylmy-barlag işleri, ýokary okuw mekdebinde hereket edýän muzeýlerdäki gymmatlyklar bilen ýakyndan tanyşdylar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda guralan sergilerde hereket edýän fakultetlerde hünär aýratynlyklaryny öz içine alýan sergi gymmatlyklary oňa gatnaşyjylarda özboluşly täsir galdyrdy. Sergide uniwersitetde ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamakda alnyp barylýan işler, professor-mugallymlaryň, ýaş mugallymlaryň, aspirantlaryň, talyplaryň, magistrleriň, bakalawrlaryň bilimde, ylymda, sportda we jemgyýetçilik işlerinde halkara we döwlet derejesinde geçirilen olimpiadalardyr bäsleşiklerde hem-de dürli çärelerde gazanan üstünlikleri giňden beýan edilýär.

Uniwersitetiň bilim, ylym, terbiýeçilik we sport durmuşy gatnaşyjylarda uly gyzyklanma döretdi. Çärä gatnaşyjy okuwçylar we ýaşlar uniwersitetiň mejlisler jaýynda ýokary okuw mekdebi barada wideofilme tomaşa etdiler hem-de uniwersitetiň professor-mugallymlarynyň, talyplarynyň çykyşlaryny diňlemek bilen sowal-jogap alyşdylar.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde geçirilen «Açyk gapylar» gününe gatnaşyjylar kämil, giň dünýägaraýyşly ýaş nesli kemala getirmek bilen bilim-ylym ulgamyny ösdürmäge döredýän ählitaraplaýyn mümkinçilikleri we döwrebap häzirki zaman tehnologiýalary durmuşa ornaşdyrýandygy, ýaşlar syýasatyny dabaralandyrýandygy üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna hoşallyk we alkyş sözlerini beýan etdiler.

### Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli maslahat




12-nji maýda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni mynasybetli «Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň Döwlet baýdagy – parahatçylygyň hem-de berkararlygyň berk binýady» atly ylmy-amaly maslahat geçirildi.

Maslahata ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň professor-mugallymlary, talyplary, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň we pudaklaýyn ylmy-barlag institutlarynyň alymlary we ylmy işgärleri gatnaşdylar. Maslahat öz işini umumy mejlisde we «Türkmenistanyň Konstitusiýasy – döwlet berkararlygynyň we halkymyzyň agzybirliginiň kepili», «Türkmenistanyň Döwlet baýdagy – parahatçylygyň we jebisligiň nyşany», «Hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ynsanperwer syýasaty – berkararlygyň we ynanyşmagyň berk binýady», «Täze taryhy eýýamda türkmen dilini we edebiýatyny okatmagy kämilleşdirmegiň ýollary», «Parahatçylyk we ynanyşmak syýasatyny pugtalandyrmakda ýaş nesle daşary ýurt dillerini öwretmegiň orny», «Dünýä dillerini okatmagyň usulyýetine innowasiýa tehnologiýalarynyň gazananlaryny ornaşdyrmagyň ähmiýeti», «Himiýa tehnologiýalarynyň kämilleşdirilmegi – ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürmegiň möhüm şerti», «Tebigy ylymlar ulgamynyň ösdürilmeginde biologiýanyň we biotehnologiýanyň orny», «Daşky gurşawyň ekologiýa abadançylygynyň üpjün edilmegi – sagdyn ýaşaýşyň özeni», «Matematika ylmynyň gazananlarynyň takyk ylymlar ulgamynyň ösüşindäki orny», «Ylym-bilim ulgamynyň döwrebap ösdürilmeginde maglumat we kompýuter tehnologiýalarynyň orny», «Täze tehnologiýalary döretmekde hem-de önümçilige ornaşdyrmakda fizikanyň we astronomiýanyň orny» atly bölümleriň 12-sinde dowam etdirilip, olarda 480-den gowrak çykyş meýilleşdirildi.

Maslahatda çykyş edenler Türkmenistanyň Konstitusiýasy, onuň kadalaşdyryjy-hukuk resminamalarynyň kämilleşdirilişi, Türkmenistanyň Döwlet baýdagy we onuň taryhy kökleri, ýurdumyza innowasion tehnologiýalaryň ornaşdyrylyşy we ondan peýdalanmaklygyň usullary barada belläp geçdiler.

Maslahat bilen ugurdaş Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň eýwanynda Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň eserleriniň, professor-mugallymlaryň Magtymguly Pyragy we onuň edebi mirasy bilen baglanyşykly kitaplarynyň, monografiýalarynyň, milli amaly-haşam sungatynyň, talyplar tarapyndan taýýarlanylan berkarar Watanymyzyň häzirki zaman ösüşini özünde jemleýän dürli taslamalaryň sergisi guraldy.

Maslahatyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar sagdyn jemgyýetiň aýrylmaz bölegi bolan kämil nesli kemala getirmekde, ýurdumyzda ylmy-bilimi ösdürmekde durmuşa geçirýän tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna hoşallyk we alkyş sözlerini beýan etdiler.

### GDA gatnaşyjy döwletleriň döredijilik we ylmy intelligensiýasynyň XVIII forumy



4-nji maýda Täjigistan Respublikasynyň Duşenbe şäherinde ýerleşýän Täjigistanyň Milli kitaphanasynyň jaýynda GDA gatnaşyjy döwletleriň döredijilik we ylmy intelligensiýasynyň «Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy: ynsanperwer hyzmatdaşlykda täze mümkinçilikler» atly XVIII forumy öz işine başlady. Bu foruma Türkmenistanyň wekiliýeti hem gatnaşdy.

Günüň birinji ýarymynda, plenar mejlisde GDA gatnaşyjy döwletleriň wekilleri, şol sanda Maýa Kuliýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň prorektory B. Gutlymyradow dagylar çykyş etdiler.

Soňra «Arkalaşyk halklarynyň beýik Ýeňşe goşandy» atly panel görnüşli duşuşygy geçirildi. Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Ylym bölüminiň başlygy M.Hojagulyýewiň çykyşynda Bitarap Türkmenistanyň dünýäniň ähli döwletleri, şol sanda GDA ýurtlary bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga we ösdürmäge gönükdirilen daşary syýasat ugurlary dogrusynda alnyp barylýan işleri beýan edildi. Aýratyn ünsi ýurdumyzdaky Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda durmuşa geçirilýän ylym-bilim ulgamynyň kämilleşdirilmegi, halkara hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy ugrunda alnyp barylýan işlere çekildi.

Şeýle hem, türkmen halkynyň Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda beýik Ýeňşe goşandy hakyndaky meseleler boýunça pikir alyşyldy.

Forumyň dowamynda, Täjigistanyň Milli kitaphanasynyň gaznasyna Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň kitaplary sowgat berildi.

**«Türkmen uniwersiteti».**

# Bäsleşikleriň jemleri boýunça



**Rüstem SARYÝEW, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň himiýa fakultetiniň V ýyl talyby, «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň bagtyýar gerçekleri» atly döredijilik bäsleşiginiň ýeňijisi.**

## Goşgy we makala ýazmak boýunça döredijilik bäsleşiginiň jemi jemlendi

**10-njy maýda** Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde mekdep okuwçylaryny hünäre ugrukdyrmak maksady bilen duşuşyk geçirildi. Orta mekdepleriň we ýokary hünär okuw mekdepleriniň arasynda jebis aragatnaşyklary hem-de hyzmatdaşlyk işlerini ýola goýmagyň çäklerinde geçirilen duşuşyga Aşgabat şäheriniň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň ýokary synp okuwçylary gatnaşdylar.

Mekdep okuwçylary Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen okamak, öwrenmek babatda döredilen ajaýyp şertlerdir mümkinçilikler bilen tanyşdyryldy.

Duşuşykda 2024 — 2025-nji okuw ýylynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti tarapyndan ýurdumyzyň umumy bilim berýän orta mekdepleriniň okuwçylarynyň arasynda Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty dersleri boýunça geçirilen bäsleşiklerde ýeňiji bolan okuwçylary hem-de Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen «Güneş» žurnalynyň redaksiýasynyň bilelikde guramagynda «Külli ynsan hakyna belent maksat tutany, Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly makala we şygyr bäsleşiginiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.



Şeýle hem mekdep okuwçylaryna Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde hereket edýän fakultetlerde hünärmenleri taýýarlamakda täze tehnologiýalaryň orny, okatmagyň döwrebap usulyýeti bilen baglanyşykly alnyp barylýan işler we talyplaryň dürli derejede geçirilen bäsleşiklerde, ýaryşlarda, olimpiadalarda gazanan üstünlikleridir dürli taslama işleri görkezildi.

Duşuşygyň ahyrynda Bitarap Watanymyzda bilim özgertmelerini durmuşa geçirmek bilen, döwrebap ylymly, bilimli, giň dünýägaraýyşly, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerýän ýaş nesli kemala getirmek ugrunda alyp barýan tutumly işleri üçin türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyna hoşallyk sözleri beýan edildi.

## Döredijilik bäsleşikleriniň jemi jemlendi

10-njy maýda Balkan welaýatynyň Magtymguly etrabynyň «Magtymguly Pyragy» muzeýinde «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny» hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygyny dabaralandyrmak, umumadamzat gymmatlygy bolan parahatçylyk, ynanyşmak, ynsanperwerlik, dostdoganlyk ýörelgelerini ýaş nesliň arasynda giňden wagyz etmek, döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlary ýüze çykarmak maksady bilen Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi Geňeşiniň, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi Geňeşiniň, «Nesil» we «Biznes reklama» gazetleriniň redaksiýalary tarapyndan yglan edilen «Berkarar döwletiň ylham joşguny» hem-de «Owadan ýazuw» atly döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy geçirildi.



Dabara ýazyjy-şahyrlar bilen bir hatarda medeniýet we sungat işgärleri, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri hem-de Magtymguly etrabynyň ýaşaýjylary gatnaşdylar. Ýeňijilere bäsleşikleri gurnaýjylar tarapyndan Hormat hatlary we gymmatbahaly sowgatlar gowşuryldy. Olaryň hatarynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen dili we edebiýaty fakultetiniň talyplary Ilmyrat Babaýewiň, Muhammetnur Mahtumowyň, Mukam Bekgylyjowyň we Parahat Batyrowyň barlygy aýratyn bellärliklidir.

### Makala ýazmak ugry boýunça:

1. Abadan SATLYKOWA, Balkanabat şäherindäki 2-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 1-nji orun. (Baş baýrak)
2. Aýşa MUHAMMETALYÝEWA, Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 86-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
3. Tumar AŞYROWA, Mary şäherindäki 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
4. Bagtygül SEÝIDOWA, Arkadag şäherindäki 4-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
5. Aýzada ÖWEZMYRADOWA, Ak bugdaý etrabyndaky 34-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. 3-nji orun.
6. Berdimuhammet KAZAKBAÝEW, Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 72-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 3-nji orun.
7. Näzik GURBANGELDIÝEWA, Tejen etrabyndaky 33-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. 3-nji orun.
8. Durdymyrat AMANMYRADOW, Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 44-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 3-nji orun.
9. Raşid DURDYÝEW, Balkanabat şäherindäki 17-nji orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
10. Dawut ÝAGŞYMYRADOW, Aşgabat şäherindäki iňlis dilini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 57-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
11. Ogulşat GADAMOWA, Sakarçäge etrabyndaky 21-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
12. Şatlyk JUMAÝEW, Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 144-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.

### Goşgy ýazmak ugry boýunça:

1. Nurana AGAMYRADOWA, Ýolöten etrabyndaky 22-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 1-nji orun. (Baş baýrak)
2. Şemşat BAÝRAMOWA, Gyzylarbat etrabyndaky 14-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
3. Gülsenem MÄTGURBANOWA, Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndaky 12-nji orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
4. Aýperi GELDIMYRADOWA, Aşgabat şäherindäki 10-njy orta mekdebiň 10-njy synp okuwçysy. 2-nji orun.
5. Enegül AHMEDOWA, Tejen etrabyndaky 32-nji orta mekdebiň 8-nji synp okuwçysy. 2-nji orun.
6. Aýlar ANNAMUHAMMEDOWA, Arkadag şäherindäki 4-nji orta mekdebiň 9-njy synp okuwçysy. 3-nji orun.
7. Aýjahan BATYROWA, Mary şäherindäki 24-nji zehinli ýaşlar mekdebiň 10-njy synp okuwçysy. 3-nji orun.
8. Gurban PERMANOW, Saýat etrabyndaky 50-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. 3-nji orun.
9. Nurbibi ÝUSUBOWA, Türkmenbaşy etrabyndaky 18-nji orta mekdebiň 11-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
10. Aýnur AKMYRADOWA, Baýramaly etrabyndaky 2-nji orta mekdebiň 4-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
11. Bägül ÇERKEZOWA, Saýat etrabyndaky 22-nji orta mekdebiň 3-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.
12. Mähri MYRADOWA, Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 49-njy orta mekdebiň 12-nji synp okuwçysy. Höweslendiriji baýrak.

## Terbiýe mekdebi

# Berdimuhamet Annaýewiň durmuş we söweş ýoly — ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýelemegiň nusgalyk mekdebi

Hormatly Prezidentimiziň yglan eden Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ajaýyp we özboluşly ýyllarynyň biri bolan «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň» her bir güni taryhy wakalara beslenip gelýär. Garaşsyz, baky Bitarap ata Watanymyzda durmuşa geçirilýän işler dostluk-doganlyga esaslanýan daşary syýasatymyz göwünleri galkyndyrýar, nesilleriň jebisligini, agzybirligini, berkararlygyny, asudalygyny, ösüşleriň täze, okgunly gadamlaryny aňladýar.

Mugallymçylyk mekdebine zähmetsöýer, zehinli mugallym, ýalkymly watançy, edermen esger, ilhalar ynsan, ynsanperwerlik we adalatlylyk ugrunda gaýduwsyz göreşiji Berdimuhamet Annaýewiň adynyň dakylmagy bagtyýarlyk döwründe bilim-terbiýe alýan, ata Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesiller üçin görelde mekdebidir. Geljekde mekdebi üstünlikli tamamlan mugallymlar, terbiýeçiler mekdebe çenli terbiýeçilik edaralarynda, umumy bilim berýän mekdepleriň başlangyç synplarynda çagalara edep-ekram öwretmek bilen birlikde, olary ylym-bilim ýoluna ugrukdyrmakda hem mynasyp işleri bitirerler.

Gahryman Arkadagymyzyň jöwher paýhasyndan dörän «Älem içre at gezer» we «Döwlet guşy» romanlaryny okanymyzda ata-baba gelýän däp-dessurlara hormat goýmagyň, ata Watana wepalylygyň, ýaş nesli watansöýüjilik ruhunda terbiýelemegiň, maşgala terbiýesinde milliligi saklamagyň özboluşly aýratynlygy beýan edilýär. Berdimuhamet mugallymyň: «Meniň mugallymym öz halkymdyr» diýen sözleri onuň ata-baba ýol-ýörelgesinden, halkyndan görelde alyp, watan üçin, halk üçin, bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin irginsiz zähmet çekendigine şaýatlyk edýär.

Täze taryhy döwründe kemala gelýän ýaş nesli ylymly-bilimli, hünärli, watansöýüji, ahlak taýdan arassa, beden we ruhy taýdan sagdyn adamlar edip ýetişdirmek barada tagallalary durmuşa geçirilýär. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň paýhasy bilen ýurdumyzda amala aşyrylýan işleriň düýp özeninde bagtyýar ýaş nesillerimiziň abadan şu güni, röwşen geljegi babatdaky aladalary, olaryň watansöýüji ýaşlar bolup ýetişmekleri üçin zerur şertler döredilýär. Mugallymçylyk asylly hem hormatly kärleriň biri bolup, ata-babalarymyz ähli döwürlerde oňa aýratyn sarpa goýupdyrlar. Magtymguly Pyragynyň: «Tälim beren ussadyňdan aýrylma» diýen setirleri hem muňa şaýatlyk edýär. Mugallyma sylag-hormat etmek, olary mertebelemek parz işdir. Ussatlaryň geçen durmuş mekdebini sapak edinmek, beren terbiýesini, bilimini dowam etdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr.




Türkmenistanyň Ýaşlar syýasaty diýmek kämil bilim ulgamy diýmekdir. Ýaşlar — uly güýç, ýaşlar — açylmaly hazyna, ýaşlar — milletiň umyt gülleri. Şonuň üçin-de ýaşlara döwrebap bilim bermek, olaryň okamaklary, gurmaklary, döretmekleri üçin zerur şertler döredilýär. Bilim bermegiň ähli basgançaklarynda okatmagyň maksatnamalaryny ýokary hilli elektron maglumatlar hem-de degişli usullar esasynda kämilleşdirmek esasy wezipeleriň hatarynda durýar.

Ata-baba ýol-ýörelgä, görüm-göreldä eýerýän halkymyz günki günde ýaşlary döwrebap terbiýelemekde, olary özbaşdak durmuşa taýýarlamakda mugallymyň sarpasyny belentde tutýar. Gahryman Arkadagymyz:«Ýurdumyzyň ýaşlarynyň ykbaly, bagtyýar geljegi, köp babatda mugallym diýen belent ada mynasyp bolan hünärmenleriň döredijilik ukybyna hem-de başarnygyna baglydyr» diýip bellemek bilen, mugallymlaryň ukyp-başarnyklarynyň ýokary derejede bolmalydygyny aýratyn nygtaýar.

Gahryman Arkadagymyzyň atasy mugallym, esger, ilhalar ynsan Berdimuhamet Annaýewiň durmuş we söweş ýoly Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň ýaşlaryny watançylyk ruhunda terbiýelemekde nusgalyk mekdep bolup durýar. Gahryman Arkadagymyz ata Watanymyzyň ösüşi üç sany sütünini, ýagny «Bilimli nesil — kuwwatly Watan», «Il saglygy — ýurt baýlygy», «Medeniýet halkyň kalbydyr» diýip bellemek bilen, döwletimiziň geljegi bolan ýaşlary terbiýelemekde nusgalyk görelde görkezýär.

Gahryman Arkadagymyz ata Watanymyzyň geljegi bolan bagtyýar nesillere uly ynam bildirýär. Mugallymyň terbiýeçilik işiniň esasy maksady okuwçylara ylym-bilim bermek , okatmak, okuwçylarda zerur bolan başarnyklaryň, endikleriň kemala gelmegini gazanmak, olaryň tebigy zehinini açmak we göwün söýen hünärlerine ugrukdyrmak, kämil ahlak sypatlaryny kemala getirmek bilen, çagalarda erkliligi terbiýelemäge, hemmetaraplaýyn ösen şahsyýeti kemala getirmäge gönükdirilen bolmalydyr.

Gahryman Arkadagymyzyň atasy Berdimuhamet Annaýew watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň nusgasy bolup, okuwçylarda ahlak-erk we oňyn sypatlary kemala getirmek üçin görelde mekdebidir. Berdimuhamet Annaýewiň durmuş we söweş ýoluna bagyşlanan eserlerde mugallyma mahsus bolmaly häsiýetler giňden açylyp görkezilýär. Mugallymyň mylaýym sesiniň bolmagy, aýdylýan pikirleriň delillendirilmegi, ykjam geýinmegi, içki we daşky dünýäsiniň owadan hem päkize bolmagy okuwça-da, her bir ata-enä-de görelde alarlyk mekdepdir.

Pedagogik işgärler okuw-terbiýeçilik işlerini üstünlikli durmuşa geçirmekde Gahryman Arkadagymyzyň ylmy we edebi döredijiligine, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taryhy çykyşlaryna esaslanýarlar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýaşlar barada döwlet syýasatynyň kämilleşdirilmegi, olara täzeçe pikirlenmäge, halypa-şägirtlik gatnaşyklarynyň esasynda tebigy zehinini açmaga, saýlap alan hünärleriniň eýesi bolmaga, jemgyýetde öz orunlaryny tapmaga, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň dünýä ýüzündäki at-abraýyny beýgeltmäge goşant goşmaga taýýar ynsanlar bolup ýetişmäge mümkinçilik berýär.

**Janabaý ŞYHYÝEW,**
**pedagogika kafedrasynyň müdiri.**

# AŞGABAT — BÜTINDÜNÝÄ REKORDLAR KITABYNDA

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda garaşsyz hemişelik Bitarap döwletimiziň daşary syýasat ugrunyň netijeli bolup, dünýä döwletleri we abraýly guramalary bilen hoşniýetli, dostlukly we köptaraplaýyn gatnaşyklaryny pugtalandyrmakda, ylym-bilimi ösdürmekde daşary ýurt dillerini öwrenmek giň gerime eýe bolýar. Sebäbi dostlukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklary-da dilden başlanýar.*

*«Dil bilen dünýäni gezer» diýen, pederlerimiz dil öwrenmäge aýratyn ähmiýet beripdirler. Häzirki ajaýyp zamanamyzda Türkmenistanyň halkara gatnaşyklaryny yzygiderli ösdürmegi netijesinde ähli ýaşlaryň daşary ýurt dilini öwrenmegi ösen döwrüň talaplarynyň biri bolup durýar. Dil ynsan gatnaşyklarynyň genji-hazynasy we iň ygtybarly serişdesidir. Ýaş nesilleriň dil öwrenmekleri bolsa ähli üstünlikleriň özenidir.*

*Gahryman Arkadagymyz «Ömrümiň manysy" atly kitabynda «Biz ýaşlaryň hünärleri kämil ele almagyna, şonuň bilen birlikde, daşary ýurt dillerini çuňňur öwrenmegini uly talap bildirýäris. Sebäbi ýaşlaryň dünýä dillerini bilmegi geljekde olaryň ýokary hünärli adamlar bolup ýetişmekleri üçinem halkara giňişlikde Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip bilmekleri üçinem zerurdyr»diýip, belleýşi ýaly bagtyýar ýaşlarymyz Watanymyzyň beýik geljegini halkara derejesindäki abraýyny dünýä ýaýmakda ýaşlara uly ynam bildirilýär. Şeýlelikde, 2017-nji ýyldan bäri Türkmenistanda «Daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy» üstünlikli durmuşa geçirilýär. Halkara abraýy gün-günden beýgelýän Watanymyzyň dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynyň, halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyklary ösdürmekde we halklary ýygjamlaşdyrmakda esasy serişde hökmünde dünýä dillerini öwrenmek möhümdir. Dünýä dillerini bilmek belent mertebe hasaplanylýar, çünki dil dostluk köprüsidir. Dünýä dilleriniň öwrenilmegi ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer ugurlaryndaky ösüşlerini dünýä ýüzüne ýaýmakda, halklaryň ruhy we medeni gymmatlyklaryna, taryhy, däp-dessurlaryna içgin aralaşmakda möhüm orun eýeleýär. Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlaryň bilim öwrenmeklerine, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine giň mümkinçilikler döredilýär. Türkmen ýaşlary daşary ýurt dillerini özleşdirip Diýarymyzyň barha artýan abraýyna öz goşantlaryny goşýarlar.*

*Ýaş nesliň döwrebap bilim almagynda, gözýetimini giňeltmekde, zehinini ýüze çykarmakda, dil öwrenmekde ähli şertleriň we mümkinçilikleriň döredilýändigi ylym-bilim ulgamynda amala aşyrylýan toplumlaýyn özgertmeleriň esasy aýratynlyklarynyň biridir. Şeýlelikde ýurdumyzda iňlis, fransuz, nemes, hytaý, ýapon we beýleki diller çuňlaşdyrylyp öwrenilýär. Milli bilim ulgamynda okatmagyň usulyýeti kämilleşdirilýär we sanly tehnologiýalaryň we multimedia serişdeleriniň ornaşdyrylmagy bilen daşary ýurt dillerini öwretmekde täze mümkinçilikler döredilýär. Bilim ulgamynyň ähli basgançaklarynda elektron kitaplar, maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalary ýaly okatmagyň sanly serişdeleri, uzak aralykdan okatmagyň usullary giňden ornaşdyrylýar.*

*Dünýä dillerinde halkymyzy, eziz Diýarymyzy, milli medeniýetimizi wasp etmek kämillikden nyşandyr. Ak mermerli Aşgabat şäherimiz özüniň binagärlik aýratynlygy, sazlaşykly ösüşi bilen älemi haýrana goýýar. Şonuň üçin-de paýtagtymyz dünýäniň owadan we ýaşaýyş üçin amatly şertleri özünde jemleýän şäherleriniň hatarynda tanalýar. Şahyr Kakamyrat Rejebowyň: «Aşgabat çalymdaş –kitapdan çykyp, // Ýürege ýol salan täsin ertekä» diýen setirlerinde waspy ýetirilýän baş şäherimiz ajaýyp binagärlik keşbe eýe bolan özboluşly desgalaryň ençemesini özünde jemleýär. Guwandyryjy hakykat şol binalaryňdyr ymaratlaryň birnäçesi Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girmegi başardy. Biz hem Aşgabat şäheriniň güni mynasybetli şu hakynda söhbet etmegi makul bildik.*

### *«Oguz han we onuň ogullary»*



Taryha ser salsak, 2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda «Oguz han we onuň ogullary» adyny göterýän suw çüwdürimler toplumy açylypdy. Nesilbaşymyz Oguz hanyň we onuň ogullarynyň bürünç heýkelleri ornaşdyrylan bu suw çüwdürimler toplumy halkymyzyň agzybirligini we döredijilik ruhuny özüne siňdiripdir. Bu binagärlik-heýkeltaraşlyk toplumy Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girmegi başardy.

### *Döwlet Baýdagy – buýsanjymyz*



Ata Watanymyzyň asuda asmanynda parlaýan ýaşyl Tugumyz asuda asmanymyza ýaraşyk berýär. Ýatlap geçsek, 2008-nji ýylyň 29-njy iýunynda paýtagtymyzyň Arçabil şaýolunyň ugrundaky Döwlet muzeýiniň öňündäki meýdançada Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny Ginnessiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen belentlige galdyrmak dabarasy bolupdy. Agramy 420 kilograma, möçberi 52,5 we 35 metre barabar bolan Döwlet baýdagymyz 133 metrlik baýdak göterijä göterilipdi. Bu ajaýyp waka türkmenistanlylaryň hakydasynda ebedilik ýaşaýar.

### *«Köpetdagyň jygasy»*



Halkara ykrarnamasyny ynam bilen gazanyp, Ginnessiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilen binalaryň biri-de «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkezidir. Gahryman Arkadagymyzyň mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 20 ýyllyk toýy mynasybetli 2011-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda agzybir türkmen halkymyza bagyşlan ajaýyp sowgady bolan «Türkmenistan» teleradioýaýlymlar merkeziniň beýikligi 211 metre barabardyr. Bu telediň adam eli bilen gurlan iň uly sekizburçluk ýyldyzy bilen dünýä jahankeşdelerini haýrana goýýar.

### *«Äleme» älem haýran*



Aşgabat şäherimiziň Arçabil şaýolunyň ugrunda ýerleşýän, beýikligi 95 metr bolan «Älem» medeni-dynç alyş merkeziniň dünýäniň iň uly, ýapyk görnüşli aýlanýan syn ediş hiňňildigi hökmünde Ginnesiň rekordlar kitabyna girendigi halkymyz üçin buýsançly ýagdaýdyr. Bu ýerde älem giňişligi hakdaky gyzykly maglumatlar bilen tanyşmak mümkinçiligi bar. «Älem» medeni-dynç alyş merkezi daşky gurluş we içki aýratynlygy babatda hem juda täsindir.

### *«Laçyn guşlarynyň» mekany*



Daşary ýurtly myhmanlary garşy almak we myhmansöýerlik bildirmek, ilki bilen, Halkara howa menzilinden başlanýar. Bu ýerde ýolagçylara edilýän hyzmatlar ýokary hilliligi, amatlylygy bilen tapawutlanýar. Gürrüň Diýarymyzyň merjen şäheri Aşgabatda 2016-njy ýylda açylyp ulanmana berlen Halkara howa menzili barada barýar. Bu howa menziliň baş binasynyň ýokarsynda ýerleşdirilen 705 inedördül metre deň bolan haly göli «Iň uly göl» hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizildi.

### *Ahalteke bedewiniň şekili*



Ýurdumyzyň sport taryhynda şöhratly sahypa bolup ýazylan 2017-nji ýylda geçirilenÝapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary şäherimiziň abraýyna abraý goşdy. Olimpiýada şäherçesiniň esasy desgasy bolan Olimpiýa stadionynyň ajaýyp bezeg aýratynlygy bolan ahalteke bedewiniň şekiliniň dünýäde iň uly atyň keşbi hökmünde Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilendigi bu aýdanlarymyza şaýatlyk edýär.

**Aýbölek ARAZGELDIÝEWA,**
**žurnalistika hünäriniň II ýyl talyby.**




## My Fellowmates

My Fellow mates were full of joy and bless on our first day.
I do believe, that day you all began playing the main part.
How fellowship is precious and sincere I felt on that day.
I hope you did, for that feeling began painting a rare art.

Among us, some are sad, and some are glad,
Yet sorrow does not mean one's heart is bad.
The joyful may dance with a touch of the mad,
But together, we share the best fun we've had.

We stepped forward, hand in hand,
Through hard times and joys unplanned.
Each heartbeat wrote a fleeting rhyme,
A melody locked in the halls of time.

Some walked slowly, with thoughts so deep,
Some danced wildly, some thrilled to sleep.
Yet every soul, both bright and blue,
Wove their colors into something new.

No path is smooth, no tale is pure,
Yet in each twist, we stand secure.
For though we are scattered, near or far,
Indeed, this journey made us who we are.

Süleýman ROZYÝEW,
iňlis dili we edebiýaty fakultetiniň
II ýyl talyby.

***

Arzuwlaryň wysaly sen, mysaly sen gözelligiň,
Aýdyňlygyň nyşanydyr ak mermerden bezelmegiň,
Topragyna tagzym edip, çagalykda gezen ýerim,
Önüp-ösüp bekän ýerim gujagyňda ykbal ýatan,
Eziz Watan!

Ýaşaýarkam gül goýnuňda ebedilik penamsyň sen,
Giň jahana seýle çyksam ýaňlandyrjak senamsyň sen,
Saýrap duran zybanlarda keramatly kelamsyň sen,
Parahatlyk sedasynda sende niçe daňlar atan,
Eziz Watan!

Hak Möwlamyň nury siňen, päkizelik her ýeriňde,
Saňa togap eden halkym, galkynýandyr her deminde,
Gahrymanlar ganat boldy bu türkmeniň gerdeninde,
Milli ruhly ýaş nesiller şöhratyňa şöhrat gatar,
Eziz Watan!

## Aşgabat

Gijeleriň gündiz deýin ýalkymly,
Ady älem içre gezen Aşgabat.
Saba-säher tämiz howaň ýakymly,
Hakyň nury siňen gözel Aşgabat.

Watanyň kalby sen, jemläp illeri
Waspyňa joşdurdyň saýrak dilleri.
Güllere bürenip ýazyň günleri,
Gülzarlyga çümen gözel Aşgabat.

Heýkelleriň döredilmiş ezberden,
Binýady berk binalaryň mermerden,
Giň älemden myhman gelse her ýerden,
Gujagyny giňden açan Aşgabat.

Halkym bar, galkynýar bagt şäherinde,
Ýalkym bar, ýakym bar her säherinde,
Ady dünýä dolmuş bagt äheňinde,
Çar tarapa çawun saçan Aşgabat.

Durdygylyç ÝARJANOW,
žurnalistika hünäriniň II ýyl talyby.

## SÖÝENIME

Sen hakdaky ýazan şygrym,
Gör-ä, bu gün ýoň bolupdyr.
Aýdym edip aýdýar bagşy,
Il gözünde oňlanypdyr.

Ýangynymdan ýagyr açan
Setirlerim ardy menden.
Boýny buruk kapyýalam,
Başy salyk, galmaz ýerden.

Saňa ýetmedik söýgimi,
Aşyklar gazal edipdir.
Asmandan süýnen ýyldyzym
Göwnümi hazan edipdir.

Eşitmedik bolduň mukamym,
Diňleme, diňleme, gülüm.
Diňlemedik şygyrlaryň,
Ýoň bolupdyr, gör-ä, bu gün.

## SORAG

Başym sypan ýelleri,
Gülüm, sen ugratdyňmy?!
Daşa dönen ýüregmi,
Gülüm, sen owratdyňmy?!

Söýdüm seni! Nä ile?
Däl men yşkdan nägile,
Asman deýin päkize,
Gülüm, sen suratdyňmy?!

Bolmasam-da Don Žuan,
Şükür, söýgim nowjuwan,
Ýokdy asla ownamam,
Gülüm, sen ownatdyňmy?!

Möwjän yşkyň ýangyny,
Ýürek «söýgi» ýazgyly,
Maňa goşgy ýazmagy,
Gülüm, sen öwretdiňmi?!

Mukam BEKGYLYJOW,
türkmen dili we edebiýaty
fakultetiniň II ýyl talyby.



Söz — uçurymdan

# AŞGABAT – ÝOKARY BILIM OJAGYM

Men ÝASSR-yň Ust–Aldansk etrabynyň Legoý orta mekdebini tamamlap, soň Sowet Goşunynda gulluk etdim. Goşun gullugymy tamamlap, 1973-nji ýylda merkezi ýokary okuw jaýynyň dalaşgäri boldum. Türkmen oba hojalyk institutynyň ykdysadyýetçi-buhgalter ugrundan synag tabşyrdym. Soňra men Aşgabada geldim, Oba hojalyk institutynda maňa biologiýa dersine derek geografiýa dersinden synag tabşyrandygymy aýdyp, resminamalarymy kabul etmediler. Men gaty alňasadym, emma meniň ýagdaýymy göz öňünde tutup (Ýakutiýadan gelendigimi), maňa Türkmen döwlet uniwersitetinde buhgalterçilik ugry boýunça okadylýandygy üçin şol ýere ýüz tutmagy maslahat berdiler. Meniň biraz göwnüm rahatlanyp, uniwersitete rektoryň ýanyna ýöneldim. Rektor meni mähirli garşylap, ykdysadyýet fakultetiniň dekanyny çagyrdy. Iki bolup maslahatlaşanlaryndan soň olar maňa «Söwda işi boýunça buhgalterçilik» hünärine resminamalarymy tabşyrmagy maslahat berdiler.

Biraz wagt okanymdan soň men söwda ugrundan işlemegiň meniň üçin örän çetin işdigine düşündim. Meni başga topara geçirmegi üçin haýyş bilen dekana ýüz tutup bardym. Dekan Işan Çaryýewiç Çaryýew meniň haýyşyma geň galdy, sebäbi buhgalterçilik abraýly hünär hasaplanýardy. Şeýle hem bolsa ol meniň haýyşymy göz öňünde tutup, bank hasaby hünärine geçirdi. Soň seredip otursam,bu hünäre hem uly isleg bildirýänler az däl eken. Men haýyş eden wagtym muny asla bilmeýärdim.

Men öz dekanymyz Işan Çaryýewiçe tüýs ýürekden minnetdarlygymy bildirýärin. Ol Demirgazykdan gelip, sowuk klimata öwrenişen bir ýat oglanyň Türkmenistanyň yssy howasyna uýgunlaşmagynyň nähili kyndygyny bilip, meniň ýagdaýyma düşündi we meniň bilen hemişe mähirli boldy. Tomusky hasap-synag döwürlerimde-de ol meni öz ýanyna çagyrýardy we Bütinsoýuz dag şypahanasyna ýollanma berip: «Pýotr, sen ol ýere git-de, salkynrak ýerde synaglara taýýarlan we şähere diňe synag tabşyrjak wagtyň geliber» diýýärdi. Bu ýagdaý tä okuwy gutarýançam dowam etdi.

Türkmen döwlet uniwersitetini saýlap, oňa okuwa girenimde Türkmenistanyň howasy we muňa çydap biljekdigim hakynda hiç hili pikirem etmedim. Elbetde, Türkmenistan hakynda mekdep döwrümdäki gürrüňlerden bilýärdim, filmlerde görýärdim. Kitaplarda Garagum çöli we çöl hakda ýazýardylar, ýöne özüň ýüzbe-ýüz bolýançaň, oňa hiç hili ähmiýet bermeýärsiň. Türkmenistan, Aşgabat bolsa şol Garagum çölüniň ortasynda ýerleşýärdi.

Aşgabat gök bürenip oturan bolsa-da, köçelerde suwly ýaplar, her birnäçe metrden kiçijik suw çüwdürimleri (suwsuzlygy gandyryp bolýar), bar bolsa-da, howa aýylganç yssy, üstesine-de howa 40 gradus, der bolsa çeşme ýaly akýar, suwsuzlyk ejir çekdirýär, asla çydap bolmaýar. Asfalt köçeler göýä ereýän ýalydy, demre el degrip bolmaýardy. Hatda otaglaryň içinde-de yssy: howany biraz bolsa-da sowatmak üçin balkonyň we otaglaryň gapylaryna çyg ýorganlar asylýar, ýöne çyg ýorgan daşlyklary öz üstüňe atanyň peýdasy ýok, hemme zat derrew guraýar. Günüň ýaşmagy bilen bolsa günüň dowamynda gyzan otaglarda howa ýetmeýärdi. Uklamak mümkin däldi, çygly ýorgan daşlyklaryň hem peýdasy ýokdy. Okuw döwründe-de kynçylyklar ýüze çykýardy: 45 minutlyk umumy sapaklara zordan çydaýardym, her arakesmede dessine kellämi sowatmak üçin sowuk suw bilen öllemäge ylgaýardym. Topardaşlarym soň-soňlar hem meniň näme üçin mydama ýüzümi ýuwmaga howlugýandygyma düşünmän gülüşýärdiler. Men bu jokrama yssy ýurtda tutuş 5 ýyl okamaly boldum.

Türkmenistanyň gyşy adaty däl eken. Bu ýerde bolan wagtymyň bütin dowamynda bir gezek hem gar ýagmady, muňa derek noýabr aýyndan aprel aýyna çenli ýagyş ýagýardy, galan aýlar asla ýagyş ýagmady. Aşgabat elmydama gök öwsüp duran owadan şäher. Garagum kanalynyň gelmegi bilen Türkmenistan ýokary hilli pagta ösdürip ýetişdirmekde tanalýar. Ýerli ilat miwe, ir-iýmiş ösdürip ýetişdirmekde hem işjeňlik görkezýär. Mundan başga-da, Türkmenistanda nebit we gaz alynýar.

Sowet Soýuzynyň bir bölegi bolan Türkmenistan XX asyryň 70-nji ýyllarynda iň ösen soýuz respublikalarynyň biri hasaplanýardy.

Pagta ýygymy döwlet derejesindäki çäräniň ähmiýetine eýedi. Bizi -- birinji ýyl talyplaryny Tejen etrabyna iberdiler. Ir säherden agşama çenli eredip barýan Günüň aşagynda işleýärdik. Zähmet, hakykatdan hem, gaty agyrdy. Önümçiligiň belli bir derejesi kesgitlenipdi. Eger ony ýerine ýetirmedik bolsalar, uniwersitetden kowulmak derejesine çenli temmi berilmek howpy bardy. Her gün ýygnalan we tabşyrylan pagtanyň mukdary baradaky habarlary radioda we telewideniýede aýdýardylar. Talyplaryň işleýän meýdanynyň üstünden pagtanyň ýapraklaryny ýok etmek üçin zäherli himiki serişdeleri sepýän An-2 uçary geçýärdi. Yssa çydap bolmaýardy, suwsuzlyk köseýärdi. Ony gandyrmak üçin bir kilometre golaý ýylgamaly bolýardy. Topardaşlarym maňa töweregimizde isledigiňçe, köp bolan garpyzlary iýmegi maslahat berýärdiler, ýöne ony başarmadym, olar göwnüme örän süýji ýalydy.

Ilkinji günümiz günortanlyk nahardan öň ýygnan pagtamyzy ölçäp başladylar. Seretsem, beýlekileriň torbalary doludy, meniňki bolsa boş diýen ýalydy. Hatarda men hemmelerden soňa geçip durdum. Köpüsiniňki 30-40 kilogram çykdy. Men öz torbamy terezä goýan mahalym pagtalary kabul edijiniň gözleri tas hanasyndan çykypdy. Ol öz dilinde käýinip başlady. Men oňa: «Düşünmedim» diýip jogap berdim. Şonda ol rusçalap: «Näme sen işlemän ýatdyňmy?» diýip gatyrgandy. Men oňa bilim agyrsa-da, jan edip ýygandygymy düşündirdim. Gapdalda seredip duranlar bu ýagdaýa hezil edip gülüşdiler hem-de pagtalary kabul edijä meniň sowuk ülkeden – Ýakutiýadandygymy, pagta diýen zady hiç wagt görmändigimi aýtdylar. Pagtalary kabul ediji eşidenlerine has-da geň galyp: «Sen bu ýere nädip düşdüň?» diýip, sorag berip başlady.

Şol wagt meniň dadyma ýetişip, bu ýerde dekanymyz Işan Çaryýewiç geldi. Ýygan pagtam meniň şahsy kwotam hökmünde kabul edildi. Indiki gezek beýle az ýygmazlygy tabşyrdylar. Kem-kemden uýgunlaşdym hem-de bellenilen ölçegimden artyk tabşyryp ugradym. Meni öwüp, nusgalyk edip goýdular. Beýleki deň-duşlarym kinaýa bilen: «Seret, Petro, seniň üçin indi, köplenç, biz käýinç eşidýäris» diýişdiler. Ýöne şeýle-de bolsa olaryň maňa bolan garaýyşlary gowulygynda galdy. Soňky okuw ýyllarymda dekanymyz Işan Çaryýewiç meni pagta ýygmaga ibermän, umumy ýaşaýyş jaýlarynda abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin goýdy. Ol ýerde men özümi biraz erkin duýdum. Nähili meselelerim bar bolsa, dekana ýüz tutup, elmydama ondan goldaw, kömek alardym.

Kän gülkünç wakalar bolardy. Bir gün bizi halk milisiýa toparynyň (ДНД) düzümine nobatçylyga çagyrdylar. Biz hatara düzüldik, soňra jogapkär ýolbaşçymyz atlarymyzy, familiýalarymyzy tutup, sanaw alyp başlady. «Naponopesow» diýip tutulan familiýa hiç kimden jogap çykmady. Ýolbaşçymyz birnäçe gezek gaýtalady, emma jogap bolmady. Soňra ýanymdaky oglanlar: «Petro, seniň familiýaňy tutýarlar» diýdiler. Menem: «Bu ýerde Naponopesow ýok, meniň familiýam Nafanailow» diýip jogap berdim. Soňra sanawy mugallym täzeden barlap ugrady, ol täzeden gelip meniň familiýamy sorap geňirgendi hem-de meniň nireden gelendigimi sorapdy. Meniň Ýakutiýadan gelendigimi eşiden mugallym, has-da geň galdy. Ýigitler muňa hezil edip gülüşdiler.

Taryh sapagyndaky bolan gyzykly wakalardan ýatlama. Mugallym Allaberdiýew, meniň Ýakutiýadandygymy bilip, her sapakda biziň watanymyz hakda gyzyklanýardy. Hatda wagtyň geçmegi bilen ol sapagymyzy Ýakutiýa baradaky täzelikler bilen başlap: howanyň ýagdaýyny, nähili wakalaryň bolup geçýändigini aýdyp berýärdi. Men hut şol mugallymymdan Baýkal-Amur magistralynyň gurluşygy we demir ýoluň biziň respublikamyza baryp ýetjekdigi hakyndaky täzeligi eşidipdim. Öz watanyma degişli habarlary, täzelikleri soň bilýändigim üçin, köplenç, utanyp özümi oňaýsyz duýýardym. Söhbetlerimiz gyzyşýardy, köplenç, deň-duş ýoldaşlarym menden öz watanym hakynda ýene-de has köpräk we gyzykly zatlary gürrüň bermegimi haýyş edýärdiler. Özlerine has köp zat aýtmagy haýyş edýärdiler. Ýakutiýanyň hakyky garyny we aýazyny görmedikler ony görmegi arzuw edýärdiler.

Ikinji ýyldan (kursdan) soň tutuş tomus Aşgabadyň Merkezi bankynda tejribelik geçdim. Köçelerde miwe agaçlary ösýärdi. Köçeden ýöräp barýarkaň, eliňi uzadyp, islän miwäňi ýolup iýip bilýärsiň. Bu miweler şeýle bir tagamly we hoşboý yslydy welin, agzyňda ereýärdi.

Uniwersitetde harby kafedra bardy. Men eýýäm goşunda gulluk edendigim üçin ofiser bolmak mümkinçiligim döredi. Üçünji ýyldan soň, Garagum çölünde ýerleşýän harby bölümde üç aý gulluk etmäge iberildik. Muny başararyn öýdüpdim. Emma ... Çölüň ortasyndaky iň yssy tomus aýlary. Jöwzaly yssy. Ulagda barýarkaň, gyzgyn howa gyzdyrylan peçdäki ýaly ýakýar. Çüýşäni boşadyp, suwsuz galypdym we tas heläk bolupdym. Şeýle-de bolsa, gullugymy üstünlikli tamamladym we güýzde okuwa gaýdyp geldim.

Ikinji ýyldan (kursdan) soň tutuş tomus Aşgabadyň Merkezi bankynda tejribelik geçdim. Miwe agaçlary köçelerde ösýärdi. Köçeden ýöräp barýarkaň, eliňi uzadyp, islän miweleriňi ýolup bilýärsiň. Bu miweler şeýle bir tagamly we hoşboý yslydy welin, agzyňda ereýärdi.

Uniwersitetde harby kafedra bardy. Men eýýäm goşunda gulluk edendigim üçin, ofiser bolmak mümkinçiligim döredi. Üçünji ýyldan soň, Garagum çölünde ýerleşýän harby bölümde üç aý gulluk etmäge iberildik. Muny başararyn öýdüpdim. Emma ... Çölüň ortasyndaky iň yssy tomus aýlary. Jöwzaly yssy. Ulagda barýarkaň, gyzgyn howa gyzdyrylan peçdäki ýaly ýakýar. Çüýşäni boşadyp, suwsuz galypdym we tas heläk bolupdym. Şeýle-de bolsa, gullugymy üstünlikli tamamladym we güýzde okuwa gaýdyp geldim.

1977-nji ýylda uniwersiteti tamamladym we bank işi boýunça ýöriteleşen ykdysadyýetçi hünäri boýunça diplom aldym. Diplomymy Döwlet meýilleşdiriş komitetine, ýaş hünärmenleri ýerleşdirmek bölümine tabşyrdym. Ýörite edeýin diýip edibem bolmaz, ýöne men etrap meýilnama komitetiniň başlygy wezipesine Anabar etrabyna ugradyldym. Ol Uzak Demirgazykda, Demirgazyk Buzly ummanyň Laptew deňziniň kenary diýen ýalydy. Şol bir ýagyş plaşda we şol bir tomus aýakgabynda, uçarda dört sagat oturanymdan soň, 1-nji awgustda Anabar sebitiniň merkezi Saskylaha gondum. Ol ýerde, Türkmen döwlet uniwersitetini gutaran Pýotr Petrowiç Nafanailowyň etrap meýilleşdiriş bölüminiň başlygy wezipesine bellenendigini bilýärdiler. Awgust aýynyň başy, ýöne eýýäm sowukdy. Etrap ýerine ýetiriji komitetiniň başlygy etrap sarp edijiler birleşiginiň başlygyny ýörite çagyryp, maňa ýyly eşik bermegi buýurdy. Soňra sarp edijiler jemgyýetiniň ammaryna bardyk we özüm üçin ýyly eşik saýladym.

Şeýle ajaýyp ýurtda men dört ýyl işledim, öýlendim, kaka boldum. Soňra Arktikadan sähel maýyl howaly Ýakutiýanyň paýtagtyna – dogduk mekanyma dolanyp geldim.

Men dogduk mekanym Ust-Aldansk etrabynda etrabyň Meýilnamalaşdyrma komitetiniň başlygy, «Dýupsýunsk» hojalygynyň ykdysadyýetçisi, Dýupsýunsk ýaşaýyş toplumynyň başlygy, soňra bolsa etrap söwda birleşiginde işledim. 1990-njy ýylda salgyt gullugy döredilenden soň, tä pensiýa çykýançam, 2015-nji ýyla çenli Saha Respublikasyndaky salgyt ulgamyndaky edaralarynda işledim.

Sylaglarym: Saha Respublikasynyň (Ýakutiýa) Halk hojalygynyň at gazanan işgäri, Ust-Aldansk etrabynyň Hormatly raýaty, Döwlet gullugynyň I derejeli geňeşçisi, Russiýa Federasiýasynyň salgyt gullugynyň Hormat hatlary bilen sylaglandym. Öýlenen, dört çagamy terbiýeleýärin, onlarça agtyklarymyň üstünliklerine buýsanýaryn. Çagalarymyň hemmesi maşgalaly, olar bizi özleriniň üstünlikleri bilen begendirýärler, guwandyrýarlar.

Ýaşlyk ýyllarymda TSSR-iň paýtagty Aşgabatda ýerleşýän Türkmen döwlet uniwersitetinde okaýan döwrümi uly mähir we minnetdarlyk bilen ýatlaýaryn. Men Demirgazykdan gelen bir ýat oglan hökmünde şol wagtky doganlyk respublikanyň maşgalasyna mähirli kabul edilipdim. Okan hünärim boýunça tutuş zähmet ýolumy üstünlikli geçdim. Munuň üçin men ähli mugallymlaryma çäksiz minnetdarlygymy bildirýärin. Şol wagtky dekanymyz Işan Çaryýarowiç Çaryýewe aýratyn minnetdarlygymy aýdýaryn.

Talyplyk ýyllarymdaky bile okan ýoldaşlarym, umumy ýaşaýyş jaýynda bile ýaşan dostlarym bilen baglanyşykly mähirli ýatlamalar meniň hemişelik ýüregimdedir. Talyplyk ýyllary, hakykatdan-da, ajaýypdy! Häzir indi ýaşym ulalyşyp, men bir zada ökünýärin. Ol hem şol ýaşlyk ýyllarymda türkmen dilini öwrenmek üçin oňat mümkinçilik bar wagty şol mümkinçilikden peýdalanmandyryn. Eger-de garyndaş dillerimiz bolan ýene bir dili özleşdiren bolsam, men öz dünýämi has-da baýlaşdyryp bilerdim.

**(Makala gysgaldylyp alyndy).**

**Pýotr NAFANAILOW,**
**1977-nji ýylyň uçurymy.**

# TARYHY TÄZELÄN «ARKADAG»

***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen sportunyň, onda-da türkmen futbolynyň taryhyna «Arkadag» futbol topary täze sahypany ýazdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Arkadag» futbol toparynyň tälimçilerine, türgenlerine we janköýerlerine iberen Gutlagynda aýdyşy ýaly: «Arkadag» futbol toparynyň uly ýeňiş gazanyp, Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Çagyryş ligasynyň çempiony bolmagy bolsa Diýarymyzda ýokary netijeli sporty we Olimpiýa hereketini ösdürmek ugrunda alnyp barylýan özgertmeleriň halkara derejede rowaçlanýandygynyň subutnamasy boldy». Sporty söýýän halkymyzyň buýsanjy bu günler sözüň çägine asla sygmaýar. Buýsanjymyz gök asmanda ganat ýaýýar, ýurdumyzyň at-abraýy äleme dolýar.***

«Arkadag» futbol topary AFK-ýň Çagyryş ligasynyň Kambojada geçirilen final ýaryşynyň ýeňijisi bolup, janköýerlerini begendirdi. «Çagyryş ligasynyň çempiony» diýen derejä mynasyp bolmagy bu toparyň türgenleriniň öňünde goýlan belent maksatlaryň amal bolýandygyny aňladýar. Futbol topary AFK-ýň 2024 — 2025-nji ýyl möwsüminiň Çagyryş ligasynyň çempiony bolmak bilen, Kuboga we pul baýragyna mynasyp boldy. Gazanan pul baýragyny bolsa, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat boýunça haýyr-sahawat gaznasyna geçirmegi sahawatlylygyň we ynsanperwerligiň beýik nusgasyna öwrüldi. Toparyň gazanan ýeňşi Gahryman Arkadagymyzyň milli sporty ösdürmek babatda başyny başlan giň möçberli özgertmeleriniň hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň aýdyň görkezjisidir. Bu üstünligiň sakasynda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň sport älemindäki şahsy göreldesi, ajaýyp ünsi bardyr.

Taryhyna ser salsak, 2023-nji ýylda döredilen Arkadag şäheriniň futbol topary ýurdumyzyň birinjiligi ugrundaky bäsleşiklerde ençeme gezek öňe saýlandy. Munuň özi şäheriň sport ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadynyň häzirki zaman talaplaryna doly laýyk gelýändigini, türgenleriň taýýarlyk derejesiniň ýokarydygyny aňladýar. Şeýle-de futbolçylaryň ýeňşi öňde goýlan maksatlara ýetmek ugrunda edilýän yhlasdyr, zehindir. Yhlas bilen güýçli taýýarlyk birleşip, toparyň bary-ýogy iki ýylyň içinde diňe bir ýurdumyzyň däl, eýsem, tutuş Aziýanyň iň şöhratly toparlarynyň birine öwrülmegine, milli we halkara derejeli rekordlaryň ençemesini täzelemegine nurana ýollary açdy. Şeýdibem «Arkadag» topary iki ýylda 7-nji kubogyny gazandy. Döredileli bäri 86-njy oýnuny geçiren «Arkadag» topary olaryň 84-üsinde ýeňiş gazanyp, bary-ýogy iki duşuşykda ýeňlişe sezewar boldy. AFK-ýň Çagyryş ligasynda geçiren 8 oýnunyň 6-synda ýeňiş gazanmagy başardy. Bu örän ýokary netije ahyry!

«Arkadagyň» futbol toparynyň ajaýyp ýeňşi Gahryman Arkadagymyzyň ýeňşi, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýeňşi! Türkmen sportunyň dünýä derejesine çykýandygyny alamaty. Täze şäheriň futbolçylarynyň çempionatyň Kubogyna mynasyp bolup, türkmen sportunyň şan-şöhratyny belende götermegi olaryň ussatlygynyň nyşany. Ýurdumyzyň dünýäniň sport giňişligindäki abraýyny artdyrmak ugrunda tagallalaryny gaýgyrmajakdyklaryna bolan ygrary.

«Arkadag» futbol toparynyň türgenleri Milli Liderimiziň: «Ýeňiş gazanmak siz bilen, alkyşlamak biz bilen!» diýen jümlesinden ruhlanyp, halkara ýaryşlarda mundan beýläk-de üstünlikli çykyş edip, türkmen Tuguny ýeňiş münberinde belentden parladarlar. Ýeňşiňiz dowamly bolsun, «Arkadag» topary!

**Annamyrat EÝEBERDIÝEW,**
**žurnalistika hünäriniň IV ýyl talyby.**

# BIRINJI FINAL OÝNALDY




Ýewropa ligasynyň finalynda «Tottenhem Hotspur» «Mançester Ýunaýtedi» 1:0 hasabynda utdy. Oýun Bilbaodaky (Ispaniýa) «San-Mames Barriýa» stadionynda geçirildi.

Ýeňiş goluny 42-nji minutda Brennan Jonson girizdi. «Tottenhem» üçin bu 1984-nji ýyldan – UEFA-nyň Kubogyny alanyndan bäri ilkinji ýewrokubok baýragy boldy. Belläp geçsek, «Tottenhem» soňky gezek 2008-nji ýylda kubok – Iňlis ligasynyň kubogyny gazanypdy. Şondan soň ol dört finalda : üç gezek – Liganyň kubogynda (2009, 2015, 2021) we bir gezek – Çempionlar ligasynda «Liwerpuldan» utuldy (2019).

Toparlaryň ikisi-de Angliýanyň premýer-ligasynda şowsuz möwsümi başdan geçirýär. Uly býujetlerine garamazdan, olar häzir çempionatda 16-njy we 17-nji orunlarda ýerleşýär. Bu soňky birnäçe ýylda iki toparyň hem iň ýaramaz netijesidir.

Ýewropa ligasyndaky ýeňiş «Tottenhemiň» indiki möwsümde Çempionlar ligasyna gatnaşmaga mümkinçilik berdi. Topar Ýewropa ligasynyň finalyndaky ýeňiş üçin 6 mln ýewro gazandy. Ýaryşa gatnaşandygy üçin klubuň umumy girdejisi 31,6 mln ýewro boldy. «Mançester Ýunaýted» 25,9 mln ýewro gazandy.

Toparlaýyn tapgyra gatnaşandygy üçin her bir klub UEFA-dan 4,31 mln ýewro, toparlaýyn tapgyrdaky oýunda gazanan ýeňşi üçin 0,45 mln ýewro, deňme-deňlik üçin 0,15 mln ýewro gazanýar. Toparlaýyn tapgyrda ilkinji bäşlige giren toparlar, takmynan, 2,5 mln ýewro aldy, final üçin pleý-offda klublar, takmynan, 16 mln ýewro gazandy.

UEFA-dan pul baýragynyň möçberi boýunça «Tottenhem» 24-nji orny, «MÝ» 28-nji orny eýeledi. Bu görkezijiler boýunça olar Çempionlar ligasynyň pleý-offuna geçip bilmedik ýa-da 1/16 final tapgyrynda ýaryşdan çykan toparlaryň arasynda ýerleşýär.

Deňeşdirmek üçin: Çempionlar ligasynyň finalyna çykan «Inter» eýýäm 100,6 mln ýewro, aýgytly oýunda onuň garşydaşy «Pari Sen-Žermen» 93,2 mln ýewro gazandy.







«Türkmen uniwersiteti» gazeti

ESASLANDYRYJYSY — MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

REDKOLLEGIÝA:
Žurnalistika kafedrasy

Jogapkär redaktor:
Halmyrat ÝUWŞANOW
(žurnalistika kafedrasynyň müdiri).

Edebi redaktorlar:
Akgyz ANNAÝEWA, Aýbölek ARAZGELDIÝEWA
(žurnalistika hünäriniň talyplary).
Tehniki redaktor: Şatly MOMMADOW
(türkmen dili kafedrasynyň mugallymy),
Rejepgeldi ALLAMYRADOW
(žurnalistika hünäriniň talyby).

tdu.edu.tm
turkmenuniwersitetitdu@gmail.com